***Tarypy taryhyň şöhratly sahypalaryna ýazylýan döwrümiziň her bir güni halkymyza egsilmez şatlyk duýgusyny eçilýär. Şunda möhüm syýasy-jemgyýetçilik waka — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 19-njy sentýabrynda paýtagtymyzda geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisi il agzybirliginiň, türkmen döwletliliginiň ýene bir aýdyň mysaly bolar.***

Halk Maslahaty ýaşulular bilen ýaş nesilleriň arasyndaky baglanyşygy has aýdyň ýüze çykarýar, ony türkmen halkynyň milli garaýyşlary esasynda döwrebap şertlerde, täzeçe çemeleşmeler arkaly has-da ösdürýär. Türkmen jemgyýetini dolandyrmagyň iň bir gadymy institutlarynyň biri bolan Halk Maslahaty döwürleriň we nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygyny beýan edip hem-de ata-babalarymyzyň köp asyrlaryň dowamynda toplan taryhy tejribesini özünde jemlemek bilen, onuň mejlislerinde wajyp ykdysady, syýasy meseleler ilatyň giň gatlaklarynyň gatnaşmaklarynda ýaşuly nesliň wekilleri bilen maslahatlaşyp çözülipdir.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň durmuşynyň ähli ugurlaryny gurşap alan beýik ösüş-özgertmelerde Halk Maslahatynda kabul edilýän çözgütleriň ähmiýeti uludyr. Şeýle özgertmeleriň bilim ulgamynda hem barha giň gerim alýandygy uly ruhubelentlik döredýär. Berkarar Watanymyzda bilim-terbiýeçilik ojaklarynyň döwrebap binalarynyň yzygiderli gurlup ulanmaga berilmegi, okuw maksatnamalarynyň kämilleşdirilmegi, sanly bilim ulgamynyň we okatmagyň täzeçil usullarynyň ornaşdyrylmagy kämil bilimli, watansöýüji, giň düşünjeli, sagdyn ruhly, berk bedenli nesli kemala getirmäge, bilim işgärleriniň netijeli we döredijilikli zähmet çekmegine şert döredýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemgyýetçilik durmuşyny has-da kämilleşdirmekde uly ähmiýetli taryhy mejlisiň — Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň gün tertibine girizilen meseleler ýurdumyzyň kuwwatly ösüşiniň ähli ugurlaryny özünde jemleýär. Halkymyzyň abadan durmuşynyň, bagtyýarlygynyň iň ýokary derejesiniň üpjün edilýändiginiň ajaýyp alamatlary bolsa ähli ugurlar boýunça gazanylýan ösüşlerde aýdyň görünýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda möhüm orun eýeleýän bu umumymilli forumyň ähmiýetini wagyz-nesihat etmek bilen baglanyşykly işler giň gerimde dowam edýär.

**Täzegul GURBANGELDIÝEWA,**
**Daşoguz şäheriniň 37-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены